# Bihepbäniñ ýyl hasaby / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Bihepbäniñ ýyl hasaby / satiriki hekaýa BIHEPBÄNIÑ ÝYL HASABY




*18 ýaşda*
Ejemiñ aýagyna ýykylyp ýalbarmaly. Birneme müzzeräýmelem. Soñra ol kakama aýtmaly. Kakam direktoryñ ýanyna barmaly. Şeýdip, 10-ny gutarmaly. Attestat almaly.

*20 ýaşda*

Kakam bilen ýokary okuw jaýlarynyñ birine girmeli…

*21 ýaşda*

Döwlet ekzamenleri maña başartmaz. Iñ gowusy, bir bahanajyk tapyp, okuwdan çykmaly. Syrkawlan bolaýyn ýa biri bilen süsüşeýin. Şeýtsem okuwdan şol bada gyrakladarlar.

*25 ýaşda*

Ejeme igenmeli. Öýe içip gelmeli. Ýaban ýatmaly. «Oglum, saña näme gerek?» diýdirmeli. Ýok, ýok geplemän kösäp, özleri añar ýaly etmeli.

*28 ýaşda*

Iki çagaly aýalymy taşlap, öýden çykyp gitmeli. Paýtagtdan üç çagaly aýaly ärinden aýryp almaly.

*29 ýaşda*

«Žiguli» edinmeli. Soňky alan aýalymy çagalary bilen taşlap, başdaşymyňka göçüp barmaly.

*30 ýaşda*

Başdaşymyň howlusyny ýigrimi bäş müňe satyp, ony paýtagta göçürip getirmeli. Wremýankada kireýne oturmaly.

*31 ýaşda*

Şol ýigrimi bäş müňi äpişgäni açyp, gije özüm ogurlamaly. Ýörän ýerlerime nas sepmeli, milisioneriň owçarkasy kerah bolsun. Yrsarap, başdaşymy taşlap, bir ýerlerik sumat bolmaly. Iki aýalyňam alimentinden gizlenmeli.

*60 ýaşda*

Oh! Wah! Pensiýa çykmaly. Ýadyma düşmändir. Hany iş stažy? Hany zähmet depderçesi?
Tapdym! Oglanlarymdan aliment alaýyn. Eger kömek etmeseler, olaryň tüýs näletkerde bolduklary. Iş ýerlerine arza ýazaýyn. Kanun bar arkamda!

Gurbangylyç HYDYROW. Satiriki hekaýalar